# Baýram hanyñ kasydalaryndan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Baýram hanyñ kasydalaryndan BAÝRAM HANYÑ KASYDALARYNDAN



- **Jahan aýnyda peýda**

Eý pitnede mestana gözüň  mazhary eşýa,
Gün dek bary zerraty jahan aýnyda peýda.

Emtarda her katga gözi husnuňa nazyr,
Eşjarda her berg tili hamdyňa göýä.

Gün çehresi mähriň ýüzüňden boldy münewwer.
Tün turrasy gahryň ýelinden geldi mutarra.

Bilbil boluban gül kibiruhsaryňa wale,
Perwana bolup, şem sypar husnuňa, şeýda.

Rendana katdyň jilwesinden pitnede Wamyk,
Mestana gözüň işwesinden gamzada Uzra.

Ol lagly şekerhaýyňa meftun saňa Şirin,
Ol husny dildara bile Mejnun saňa Leýla.

Juýany wysalyň geliban serwi huraman,
Haýran jemalyň boluban herkes saňa.

Pür nişa  lebiň jurgasyndan badaýy gülgün,
Bir lumga ýüzüň pertowundan läleýi hamra.

Br  gök era aýn keremiň eýledi röwşen,
Gähi zerreýi  hurşyt, gähi katraýy derýa.

Mustagrak bahry keremiň hysrow-u derwüş,
Perwerdeýi han nygmatyň peşe-ýuanka.

Baýram diýme towhit diýiban minnet,
Eý minneti lilläh tebärek we tagala.

- **Ýene bir matlagy garra**

Haşyýe gülgün gara täjiňde lagl nagah,
Ýarutty gözümi  ýene  bir matlagy garra.

Köňlümdäki dagy bile olnerkes  şahla,
Asuda suweýdadur-uwahuda hüweýda.

Hem kamaty  manzur kylyp, sidre we taby,
Hem aryzypür nur kylyp  Mekgä we Batha.

Hem jilwedarhusnuga  pelek menzil esfel,
Hem rutbada gadryga dünýä paýaýy edna,

Şahydur-uheýl-u haşamy föwji melaýyk,
Mahydur-u häki gadamy  öwj  Sureýýa.

Mehri ýüzünden nur görüp diýdeýi Ýakup,
Şowky sözünden Tur bolup menzili Musa.

Fakry ýolyda hak bolupmülki Süleýman,
Lagly gamyda çak bolup, jeýbi Mesiha.

Hem  gül ýüzünden  perde guşa gunçaýy handan,
Hem ýüz gülüiden jilwe nema, läleýihamra.

Hem başyma ol serwi salyp, saýaýy rehmet,
Kim köňlüme ol müşk bolup maýaýy söwda.

Baýram! Sypaty ol şah löwlek diýmegil kim,
Mihriýüzünden hak kylyp halyky eşýa.

Hem mazhary eşýadyr-u hem mazhary isma,
Hem maksadyaksadyr-u hem matlaby agla.

- **Dud ile hemran şerar**

Haşiýe gülden gara täjiňde lagl abdar,
Şemg birle şugla hemdem, dud ile hemrah şerar.

Hem kuýasbirle şapak hem tür era dogmuş Suheýl,
Görüner bir anda görsetgeç özün ol şahsuwar.

Hem sagadatburçyda tabanda mah-u müşteri,
Hem bulutdan aftabydyr ki bolmuş äşgär.

Uşbu şekl-u şiwe birle çäbikem meýdan era,
Jilwe kylgaç bardy elginden ynan yhtyýar.

Isteme sabr-u karary hem neşin men zardan,
Kim maňa yşk elginden  ne sabr galdy, ne karar.

Ýok turar uşşak era men binowa dek bidili,
Çün meniň ýarym kibi älemde  kimniň ýary bar.

Dilberi nuşin lebi simin teni, sengin dili,
Näzenini  mah jebini ser-u kaddy gülgüzar.

Kim durar ol kim men misgin gedaýy men onuň,
Şähriýar kim bagş-u kämiýab-u kamkar.

Hysrow adyl Humaýun ol şahy adyl ki dehr,
Barça älemden onuň atyga eýlär iftihar.  Goşgular